Ýaňy ýakynda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda geçirilýän umumymilli forumyň gün tertibine halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmäge, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürilmegine gönükdirilen möhüm meseleler girizildi.

Türkmenistanyň ýokary wekilçilikli edarasynyň mejlisine Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary, Mejlisiň deputatlary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimleri, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalary, hormatly ýaşulular, jemgyýetçilik wekilleri, beýleki adamlar gatnaşdylar.

Ýygnananlara ýüzlenip, Gahryman Arkadagymyz ýene-de sanlyja günden Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramynyň giňden bellenilip geçiljekdigini, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 12-nji dekabrynda bolsa hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýunyň uludan toýlanyljakdygyny aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul ediljek resminamalaryň, beýan ediljek teklipleriň mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmaga ýardam etjekdigine berk ynam bildirdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidentiniň sebitde we halkara giňişlikde dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek, parahatçylygy, ynanyşmagy pugtalandyrmak, babatda edýän tagallalary uly üstünliklere beslenýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiz tarapyndan umumadamzat bähbitli başlangyçlar we teklipler öňe sürülýär.

Şu ýylyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy esasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýändigi hem nygtaldy.

Şeýle hem «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň taslamasy taýýarlanyldy diýip, Milli Liderimiz aýtdy hem-de Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda dünýäde hyzmatdaşlygy hem-de özara düşünişmegi pugtalandyrjak çäreleriň birnäçesiniň meýilleşdirilendigini, şu ýylyň 12-nji dekabrynda bolsa Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň wekilçilikli forumynyň ýokary derejede geçiriljekdigini belledi.

Все права защищены

Ýakynda hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

**Gyzylgül GYLYÇGELDIÝEWA**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika**
**institutynyň mugallymy**

Все права защищены